**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#43(274)

четверг, 23 октября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**17-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow milli manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 32 ýyllygy mynasybetli ylmy-amaly maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli pulumyzyň – manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 32 ýyllygyna bagyşlanan ylmyamaly maslahata gowy taýýarlyk görmegiň we ony guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly XXX halkara maslahaty we sergini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda her ýyl geçirilýän «Türkmenistanyň nebiti we gazy» atly halkara maslahatyň we serginiň ýangyç-energetika toplumynyň işini kämilleşdirmäge ýardam berýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly halkara forumy ýokary derejede geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda hem-de welaýatlarda möwsümleýin işleriň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek boýunça işleri dowam etdirmegiň, bugdaý ekişini bellenen möhletlerde we talabalaýyk alyp barmagyň, pagta ýygymy möwsümini guramaçylykly geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz wise-premýere Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň garamagyndaky önümçilik kärhanalaryny has-da döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, himiýa senagatynyň önümçilik kärhanalaryny doly taslama kuwwatynda işlemegini gazanmagyň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň önümçilik kärhanalarynyň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Germaniýanyň Frankfurt şäherinde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň günlerini geçirmek boýunça görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere söwda-ykdysady gatnaşyklary mundan beýläkde giňeltmek maksady bilen, Germaniýa Federatiw Respublikasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň günlerini ýokary derejede geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň teatrlarynda geçiriljek «Hemişelik Bitaraplyk – dost-doganlyk binýady» atly hepdelige görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň dekabrynda geçiriljek hepdeligiň çäklerinde teatrlarda daşary ýurtly nusgawy awtorlaryň eserleri esasynda ozal sahnalaşdyrylan sahna eserleri bilen bir hatarda, täze sahna oýunlarynyň birnäçesiniň ilkinji görkezilişini halkymyza hödürlemek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna bagyşlanan çäreleriň yzygiderli geçirilýändigini belledi. Döwlet

Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň teatrlarynda «Hemişelik Bitaraplyk – dost-doganlyk binýady» atly hepdeligi ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa bilim ulgamyna degişli ugurlar barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi.

Wise-premýer, daşary işler ministri 14-nji oktýabrda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi baradaky hoş habary aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz ýurdumyz bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini belledi hem-de hödürlenen teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew milli deňiz we derýa ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli deňiz we derýa ulaglary pudagyny ösdürmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy we wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyza Birleşen Milletler Guramasyndan hoş habaryň gelip gowşandygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryny gelip gowşan hoş habar – «Awaza syýasy jarnamasy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА ЯПОНИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления г-же Санаэ Такаити по случаю её избрания на пост Премьер-министра Японии.

В своём послании глава государства выразил уверенность, что установившиеся между Туркменистаном и Японией дружественные отношения, основанные на принципах взаимопонимания, равноправия и доверия, будут и далее развиваться посредством совместных усилий во имя светлого будущего наших народов.

Президент Туркменистана, пользуясь возможностью, пожелал Премьер-министру Санаэ Такаити крепкого здоровья и счастья, а также больших успехов во всех её инициативах и целях, направленных на прогресс и процветание дружественного народа Японии.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE DEPUTY PRIME MINISTER OF THE REPUBLIC OF KAZAKHSTAN

**On October 17, 2025, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received the Deputy Prime Minister and Head of the Government Administration of the Republic of Kazakhstan Galymzhan Koishybayev.**



Expressing his gratitude for the warm welcome, Galymzhan Koishybayev conveyed cordial greetings and best wishes from the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev to the head of Turkmenistan and the National Leader of the Turkmen people.

Warmly welcoming the Deputy Prime Minister of the friendly country and addressing good wishes to President Kassym-Jomart Tokayev, President Serdar Berdimuhamedov noted that Turkmenistan attaches great importance to expanding partnership with the Republic of Kazakhstan. As the head of state emphasized, bilateral relations are developing in the political-diplomatic, trade-economic, and cultural-humanitarian spheres.

Noting that regular high-level contacts are the key factor in determining the vectors of comprehensive development of interstate cooperation, President Serdar Berdimuhamedov confirmed Turkmenistan's commitment to further close cooperation with brotherly Kazakhstan.

In turn, the guest emphasized that Kazakhstan highly values its traditionally friendly relations with Turkmenistan, whose foreign policy is based on permanent neutrality and is of great importance in the context of strengthening peace and sustainable development in the region.

It was noted during the meeting that trade and economic partnership holds a special place on the agenda of intergovernmental dialogue.

Digitalization, infrastructure and innovation improvement, the green economy, and environmental protection were also identified as promising areas of Turkmen-Kazakh cooperation.

At the same time, the great importance attached to strengthening cultural and humanitarian dialogue was noted. The Intergovernmental Turkmen-Kazakh Commission on Economic, Scientific, Technical, and Cultural Cooperation plays a special role in the development of this cooperation.

In conclusion, expressing confidence that the results of the talks and meetings to be held during the current visit to Turkmenistan by Deputy Prime Minister and Head of the Government of the Republic of Kazakhstan Galymzhan Koishybayev will give new impetus to mutually beneficial bilateral partnership, President Serdar Berdimuhamedov wished him success in his work.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BAE-NIŇ ÖŇDEBARYJY KOMPANIÝALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNY KABUL ETDI

***2025-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Emirates National Oil Company (ENOC)» hem-de «Dragon Oil» kompaniýalarynyň başlygy Said Al Taýeri, şeýle hem «Dragon Oil» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Abdulkarim Al Maazmini kabul etdi.***



Işewürler bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallyklaryny beýan edip, Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändigini, Türkmenistanyň kuwwatly energetika döwleti hökmünde halkara giňişlikde abraýynyň barha artýandygyny bellediler.

Şeýle hem olar Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň, wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň hem-de wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýanyň döwlet Baştutanymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdiler.

Kompaniýalaryň ýolbaşçylary amatly maýa goýum ýagdaýy döredilen Türkmenistanda iş alyp barmagyň özleri üçin uly hormatdygyny belläp, netijeli işlemäge berýän yzygiderli goldawlary üçin döwlet Baştutanyna hem-de Gahryman Arkadagymyza hoşallyklaryny beýan etdiler.

Prezident Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Birleşen Arap Emirlikleriniň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Türkmenistanyň Prezidenti myhmanlaryň saparynyň dowamynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2025» atly halkara maslahata we sergä gatnaşjakdyklaryny, ýurdumyzda bu ulgamda alnyp barylýan işler, ýetilen sepgitler bilen tanyşjakdyklaryny aýtdy hem-de olaryň geçirjek duşuşyklarynyň nebitgaz pudagynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge we pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn derejede, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde birek-birege hormat goýmak we özara düşünişmek esasynda depginli ösdürilýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki wagtda nebitgaz pudagynyň Türkmenistanyň bir depginli ösýän pudaklarynyň biridigini belledi. Bu pudagy ösdürmegiň strategiýasy, esasan-da, ýerli çig maly ulanmak arkaly, milli ykdysadyýetimiziň pudaklary üçin zerur bolan, şeýle hem eksport ugurly önümleri öndürmäge gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, «Dragon Oil» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň toplanan oňyn tejribesi bellenildi.

Döwlet Baştutany Türkmenistanyň «Emirates National Oil Company (ENOC)» hem-de «Dragon Oil» kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek üçin anyk tekliplere seretmäge taýýardygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýola goýlan özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, Said Al Taýere we Abdulkarim Al Maazmä işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

***22 октября 2025 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Индия в Туркменистане Бандару Вилсонбабу, вручившего главе государства верительные грамоты.***



Выразив признательность за возможность встречи, дипломат отметил, что для него большая честь представлять свою страну в Туркменистане. Пользуясь случаем, Посол передал Президенту Сердару Бердымухамедову и Национальному Лидеру туркменского народа тёплые слова приветствия и наилучшие пожелания от Президента Республики Индия Драупади Мурму и Премьер-министра страны Нарендры Моди.

Поблагодарив за добрые слова, глава государства передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству дружественного государства. Поздравив Бандару Вилсонбабу с назначением на высокий дипломатический пост, Президент Сердар Бердымухамедов пожелал ему успехов в работе, нацеленной на дальнейшее расширение многовекторных отношений между двумя странами.

С удовлетворением констатировалось, что в настоящее время двустороннее взаимодействие успешно развивается в политико-дипломатической, торгово-экономической, энергетической, транспортной, образовательной и культурно-гуманитарной сферах.

Было отмечено, что в повестке дня туркмено-индийских отношений особое место отводится сотрудничеству в торгово-экономической и энергетической сферах. В продолжение подчёркивалось, что Туркменистан выступает за активизацию претворения в жизнь проекта строительства транснационального газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия (ТАПИ) и проектов по прокладке сопутствующих транспортных коридоров.

Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что важной составляющей туркмено-индийских отношений является сотрудничество в культурной, образовательной и научной сферах.

В завершение встречи Чрезвычайный и Полномочный Посол Республики Индия в Туркменистане Бандару Вилсонбабу ещё раз выразил признательность главе государства за тёплый приём, заверив, что приложит все усилия для дальнейшего укрепления традиционно дружественных связей между двумя странами.

# ГЕРОЙ-АРКАДАГ БЛАГОСЛОВИЛ РЕАЛИЗАЦИЮ ОЧЕРЕДНОГО ЭТАПА ГАЗОПРОВОДА СЕРХЕТАБАТ–ГЕРАТ, ИМЕНУЕМОГО «ARKADAGYŇ AK ÝOLY»




20 октября 2025 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов ознакомился с ходом работ по строительству на территории Афганистана участка Серхетабат–Герат, именуемого «Arkadagyň ak ýoly» и являющегося частью проекта газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия.

В афганской провинции Рабат-Санги, в месте строительства участка газопровода Серхетабат–Герат, именуемого «Arkadagyň ak ýoly», Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Героя-Аркадага тепло приветствовали члены официальных делегаций нашей страны и Афганистана.

Затем здесь состоялось торжественное собрание.

Перед началом мероприятия были вознесены молитвы к Всевышнему об успешной реализации этого важного проекта.

Приветствуя Героя-Аркадага и участников церемонии, Заместитель Председателя Кабинета Министров Туркменистана, курирующий топливно-энергетический комплекс, подчеркнул, что благодаря постоянной поддержке Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в настоящее время в нашей стране проводится большая работа по развитию и модернизации нефтегазовой отрасли.

От имени работников топливно-энергетического комплекса вице-премьер пожелал Герою-Аркадагу и Президенту Сердару Бердымухамедову крепкого здоровья, успехов в масштабной и благородной деятельности в интересах народа и обратился к Герою-Аркадагу принять в качестве памятного подарка от Государственного концерна «Türkmengaz» специальную униформу.

Затем слово было предоставлено Герою-Аркадагу.

Обращаясь к участникам торжественного собрания, Герой-Аркадаг подчеркнул, что под руководством Президента Туркменистана успешно реализуются грандиозные проекты, которые способствуют расширению дружественных и добрососедских отношений.

Как подчёркивалось, наличие колоссальных запасов углеводородных ресурсов позволяет нашей стране экспортировать природный газ на долгосрочной основе. И здесь огромное значение обретает проект газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия, который отвечает интересам братских народов государств региона.

11 сентября прошлого года в Марыйском велаяте был дан старт прокладке ключевого звена газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия – участка Серхетабат–Герат, именуемого «Arkadagyň ak ýoly», что стало одним из значимых международных событий.

Затем Герой-Аркадаг благословил реализацию очередного этапа ключевого звена проекта газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия до афганской провинции Герат – газопровода по маршруту Серхетабат–Герат, именуемому «Arkadagyň ak ýoly».

Далее слово было предоставлено заместителю премьер-министра Афганистана по экономическим вопросам Абдулу Гани Барадару.

В начале выступления, поприветствовав Героя-Аркадага и участников церемонии на афганской земле, Абдул Гани Барадар передал наилучшие пожелания от Председателя Кабинета Министров Афганистана Моллы Мохаммада Хасана Ахунда.

Как отмечалось, проект ТАПИ в настоящее время успешно реализуется. Абдул Гани Барадар от имени афганской стороны выразил признательность Герою-Аркадагу и Президенту Туркменистана за поддержку в развитии совместного сотрудничества.

Затем был продемонстрирован видеоролик, рассказывающий о газопроводе по маршруту Серхетабат–Герат, именуемому «Arkadagyň ak ýoly».

Далее, обращаясь к участникам торжества, Герой-Аркадаг подчеркнул, что, как известно, Соединённые Штаты Америки в числе первых поддержали проект газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия.

В этой связи Герой-Аркадаг подчеркнул вклад американской компании «Bownstein», выступающей консультантом грандиозного проекта газопровода Туркменистан–Афганистан–Пакистан–Индия и предоставляющей ценные и полезные рекомендации в его реализации.

Далее Герой-Аркадаг и участники церемонии ознакомились с мощной техникой, приобретённой для строительства газопровода.

Затем Герой-Аркадаг прошёл к месту сварки стыка труб до афганской провинции Герат-газопровода по маршруту Серхетабат-Герат, именуемому «Arkadagyň ak ýoly».

Здесь руководитель афганского филиала Акционерного общества закрытого типа «Türkmengazgurluşyk» Х.Сапаров проинформировал об осуществляемых работах.

Руководитель афганского филиала Акционерного общества закрытого типа «Türkmengazgurluşyk» обратился к Герою-Аркадагу с просьбой благословить начало сварочных работ на участке газопровода Серхетабат–Герат, именуемого «Arkadagyň ak ýoly», до афганской провинции Герат.

В торжественной обстановке Герой-Аркадаг дал благословение на старт сварочных работ. В этот момент началась реализация очередного этапа газопровода.



# TÜRKMENISTAN WE GRUZIÝA ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE MÜMKINÇILIKLERINI AÇÝARLAR

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow resmi sapar bilen Gruziýa bardy. Saparyň çäklerinde, 2025-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda onuň Gruziýanyň Premýer-ministri Irakli Kobahidze bilen duşuşygy geçirildi.

Gepleşikleriň barşynda Türkmenistanyň we Gruziýanyň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem köptaraplaýyn formatdaky, ilkinji nobatda bolsa BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň üstünlikli alnyp barylýandygy nygtaldy.

Gruziýanyň Premýer-ministri şu ýyl Türkmenistana amala aşyran resmi saparlarynyň hem-de Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen geçirilen duşuşyklarynyň netijeli häsiýete eýe bolandygyny, olaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynda möhüm ähmiýeti eýeländigini belledi.

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRININ GRUZIÝANYŇ PREZIDENTI BILEN DUŞUŞYGY GEÇIRILDI



2025-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Gruziýa resmi saparynyň çäklerinde Gruziýanyň Prezidenti Mihail Kawelaşwili bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda Gruziýanyň Baştutanyna Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýollan mähirli salamlary we iň gowy arzuwlary ýetirildi.

Gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň syýasy dialogy berkitmek, ikitaraplaýyn ykdysady we medeni gatnaşyklary ösdürmek ýaly möhüm ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Taraplar ýokary derejedäki yzygiderli saparlaryň we duşuşyklaryň strategik hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna itergi berýändigini nygtadylar.

Şeýle hem Türkmenistanyň we Gruziýanyň BMG-niň çäklerinde birek-biregiň netijeli halkara başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandyklary we olaryň awtordaşlary hökmünde çykyş edýändikleri bellenildi.

Gruziýanyň Prezidenti Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň dünýäde ähli umumy parahatçylygy üpjün etmäge uly goşant goşýandygyny hem-de halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýandygyny belledi.

## BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ 80 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANAN MASLAHAT GEÇIRILDI

***23-nji oktýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy mynasybetli maslahat geçirildi.***



Oňa Türkmenistanyň Daşary işler, Maliýe we ykdysadyýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim ministrlikleriniň hem-de BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýurdumyzdaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary we talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Maslahata gatnaşyjylar institutyň eýwanynda milli mirasymyza, ýurdumyz bilen BMG-niň hyzmatdaşlygynyň ugurlaryna bagyşlanan sergi gymmatlyklary bilen tanyşdylar. Bu ýerde aýdym-sazly çykyşlara hem giň orun berildi.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň 80 ýyllygyna bagyşlanan maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler.

Maslahata gatnaşyjylaryň belleýşi ýaly, dünýä bileleşigi şu ýyl iki şanly senäni — BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyny we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygyny baýram edýär. Çykyş edenler bu şanly seneler mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny beýan etdiler.

Ýakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisinde çykyş edip, tutuş adamzat üçin möhüm ähmiýete eýe bolan täze başlangyçlary öňe sürdi. Munuň özi ýurdumyzyň BMG-niň Tertipnamasynda görkezilen gymmatlyklara we köpugurly hyzmatdaşlyga mundan beýläk-de ygrarlydygyny görkezen möhüm waka boldy. Maslahata gatnaşyjylar şol başlangyçlaryň ýokary halkara ähmiýete eýedigini bellediler. Maslahata gatnaşyjylar ýurdumyzyň BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň wekilhanalary bilen hyzmatdaşlykda durmuşa geçirilen taslamalar barada hem giňişleýin durup geçdiler.

BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenkonyň belleýşi ýaly, Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş çygrynda 2026 — 2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasy ýurduň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny we Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde strategik hyzmatdaşlyga taraplaryň ygrarlydygyny tassyklaýar.

Guramanyň Türkmenistandaky wekili Narine Saakýan BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň sanly özgertmeler arkaly söwdany, ykdysady ösüşi we sebit arabaglanyşygyny pugtalandyrmakda ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşydygyny belledi.

BMG-niň 80 ýyllygyna bagyşlanan maslahatda ýurdumyzyň ilatyň saglygy we abadançylygy ugrunda halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydygy aýratyn bellenildi. Şeýle hem onda bilelikdäki hyzmatdaşlygyň çäklerinde durmuşa geçirilen işler we ony mundan beýläk-de ösdürmekde ileri tutulýan ugurlar barada giňişleýin durlup geçildi. Şunda 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň çäklerindäki bilelikdäki işiň ileri tutulýan ugurlary boýunça tagallalaryň mundan beýläk-de ilerlediljekdigine ynam bildirildi. Çykyş edenler 2026 — 2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasynda kesgitlenen wezipelere ünsi çekdiler. Maslahata gatnaşyjylar abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge berýän yzygiderli ünsi üçin döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdiler.

Maslahatyň çäklerinde Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş çygrynda 2026 — 2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekildi.

Maslahatyň jemleri boýunça hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul edildi.




### *Активизация межрегионального сотрудничества между Туркменистаном и Ираном*

В городе Боджнурд провинции Северный Хорасан состоялась национальная конференция по инвестиционным возможностям. На конференции выступили Вице-президент Ирана Джафар Гаемпана, Губернатор провинции Северный Хорасан Бахман Нури, Посол Туркменистана в Иране, депутаты Меджлиса и другие официальные лица.

Также состоялась встреча между Послом Туркменистана в Иране и губернатором Северного Хорасана Бахманом Нури.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы дальнейшего развития межрегионального сотрудничества между двумя странами. Кроме того, была подчеркнута важность визитов высокого уровня между Туркменистаном и Ираном.

Также отмечена значимость Международного форума, который состоится в декабре этого года в Ашхабаде и будет приурочен к 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана.

### *В Вене обсудили перспективы сотрудничества Туркменистана и SEforALL в области энергетики*

17 октября в штаб-квартире Sustainable Energy for All (SEforALL) в Вене состоялась встреча Посла Туркменистана Х. Аманназарова с заместителем генерального директора SEforALL, г-ном Стефано Маргуччо.

В ходе встречи обсуждались возможности для расширения сотрудничества в области устойчивой энергетики, с акцентом на поддержку национальных и региональных усилий, направленных на достижение целей Повестки дня в области устойчивого развития до 2030 года.

Стороны договорились продолжить диалог по вопросам совместной деятельности, включая участие в предстоящих глобальных энергетических форумах, региональных программах доступа к энергии и инициативах по развитию потенциала.

В ходе обсуждения была подтверждена общая приверженность продвижению устойчивого энергетического развития через укрепление международного сотрудничества.

### *Руководитель Van Oord подтвердил участие в международном энергетическом форуме Туркменистана*

Посол Туркменистана в Бельгии Сапар Пальванов провел встречу с Полом Вортмейером, директором компании Van Oord, мирового лидера в области дноуглубительных и морских инженерных работ.

В ходе беседы основное внимание было уделено Туркменбашинскому международному морскому порту, перспективам сотрудничества в сфере морской инфраструктуры и возможным совместным проектам в Туркменистане.

Господин Вортмейер также выразил намерение посетить Туркменистан для участия в ежегодной Международной нефтегазовой конференции страны, которая традиционно проходит в октябре, и изучения возможностей для дальнейшего взаимодействия.

Напомним, что 30-я Международная конференция и выставка «Нефть и газ Туркменистана – OGT 2025» соберет более 1 400 делегатов из 70 стран, подтверждая статус Туркменистана как регионального центра энергетического и инвестиционного диалога.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***